# Langşonly ene

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Langşonly ene LANGŞONLY ENE

Onuñ kakasynyñ juwan ömrüni
Üzüpdir gelmişek pereñli soldat.
Derek boýly adamsynyñ böwrüni
Deşipdir Brodweýden iberlen jellat.

Hytaýly ganhoryñ ganly güllesi
Ýalñyz perzendiniñ ýarypdyr döşün.
Gabaklary gasyn-gasyn ol ene
Aglap gutarypdyr gözüniñ ýaşyn!

Säher bilen oba inen bombalar
Enäñ aýagynam ýolup gidipdir.
Mekdebi çagalañ ganyna boýap,
Onlap ýürekleri dilip gidipdir.

Ýatyr indi ene keselhanada,
Ýalñyz agtygyma tor köýnek örýär.
Çöşlenýär gök ýumak… Göge garylyp,
Saçynyñ agy deý ak sapak barýa.

Ene agtygyna tor köýnek örýä, –
Köýnegiñ döşünde akja kepderi.
Kepderi suratly köýnejik geýip,
Agtyjagy begendirer köpleri!

Ene agtygyna tor köýnek örýä,
Bir oturan şoñ ýanyndan galmaýar…
Ýöne enäñ şol körpeje gerçegin
Jeñbazlañ düýn neşter bilen kerçänin
Aýtmaga hiç kimiñ dili barmaýar…

1980 ý.